# Dördünji şem

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Dördünji şem DÖRDÜNJI ŞEM



Otaglaryň birinde dört sany şem sessizje ýanyp dur…
Birinji şem:
– Men – parahatçylyk! – diýdi. – Ýöne hiç kim meniň dowamly ýanyp durup, töweregime ýagty saçmagyma ýardam edenok… Kem-kemden sönüp barýan…
Aýdyşy ýalam boldy. Söndi…
* * *

Ikinji şem:
– Men akyl-paýhas we ylym-bilim – diýdi. – Adamlar garaňkylygy saýlap alýarlar. Hiç kimiň maňa zerurlygy galmady… Ýanyp oturmagymyňam manysy ýok…
Şeýdip, olam söndi gitdi…

* * *

Üçünji şem:
– Men söýgi – diýdi. – Emma indi töweregime berjek güýjüm

galmady. Adamlara söýgi gerek däl. Söýgüsizlik olara has gowy ýaly…
Şemjagazyñ boýny buruldy, öçügsileşdi we ahyrynda sessizje söndi…

* * *

Şol wagt bir çagajyk üç şemiñ öçenini görüp aglady… Dördünji şem köşeşdiriji sesi bilen çagajygy diñdirjek boldy:
– Aglama, köşek, aglama… Gorkma, men ýanyp dursam, odum bilen beýlekileri täzeden ýakyp bolar we olaram ýagtylyk saçmaga dowam ederler… Maña UMYT diýýäler…

* * *

(Ýatdan çykmanka aýdaýyn, bu hekaýajygy çykanym Kemal Rastgeldi ugradypdy…)
Şu günlerde iñ köp mätäçlik duýýan duýgymyz – **umyt**…
Diñe şol sönende dünýämiz garalar… Garañkylyga boýun egmekden başga edibiljek zadymyz bolmaz…
Hemme zat soñlanyp barýar, çagajyk bolsa durman aglaýar…
Garaşylýan zat ýok… Ne aýdyñlyga, ne ýagtyylyga…

* * *

Ýöne bize aýdyñlyk lazym…
Dördünji şem sönmesin…

Bekir JOŞKUN.

«SÖZCÜ» gazeti, 30.03.2018 ý. Oýlanmalar